***Daşkent şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygy geçiriler. 5-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Milli Liderimiziň başlyklyk etmeginde geçirilen sebitiň döwletleriniň Baştutanlarynyň forumy nobatdaky duşuşyga taýýarlyk tapgyry boldy. Bu çäräniň BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň geçýän günlerinde guralmagy oňa has-da aýratyn dereje berdi.***

Konsultatiw duşuşyklar sebitiň her bir ýurdunda yzygiderli geçirilýär. Şu ýyl ony Özbegistan Respublikasy kabul edýär. Üçünji konsultatiw duşuşygy 2021-nji ýylda Türkmenistan kabul etdi we ol «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda üstünlikli geçirildi. 2023-nji ýylda Duşenbe şäherinde geçirilen şu formatdaky bäşinji duşuşygyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyzyň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň Hormat nyşany bilen sylaglanylmagy Bitarap ýurdumyzyň sebit hyzmatdaşlygynyň dostluk we ynanyşmak ruhunda guralmagyna hem-de ösdürilmegine goşýan ägirt uly goşandyna berlen mynasyp we ýokary baha boldy. Milli Liderimiziň oňyn halkara dialogyň giňeldilmegine hemmetaraplaýyn ýardam berýän öňdengörüjilikli, oýlanyşykly we parasatly başlangyçlary, aýratyn-da, döwletara gatnaşyklar boýunça yglan eden täze syýasy-filosofik garaýşy diňe halkymyzyň däl, eýsem, tutuş sebitiň halklarynyň hem ykbalyna iňňän jogapkärçilikli çemeleşilýändigini görkezdi.

Häzirki zaman dünýäsiniň halkara ýagdaýy köptaraply gatnaşyklaryň täze usullaryny gözlemegiň we döretmegiň zerurdygyny ýüze çykarýar. Goňşy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy hyzmatdaşlygyň ýagdaýyny seljermek, garaýyşlary anyklaşdyrmak, gatnaşyklarda täze gün tertibini maslahatlaşmak üçin netijeli sebit platformalarynyň biridir. Käbir ýagdaýlar özara hereketlere täze ugurlary girizmek üçin sebit ýurtlaryndan öz wagtynda dogry jogaby talap edýär. Bu çözgütler, ilki bilen, söwda-ykdysady, ulag, energetika we maýa goýum ulgamlaryna degişlidir. Ykdysady hyzmatdaşlyga bolsa öz kuwwatyňy doly peýdalanmak, dünýä hojalyk gatnaşyklaryna ynamly goşulyşmak üçin esasy uly mümkinçilik hökmünde garalýar. Şonuň üçin konsultatiw duşuşyklarda kabul edilen çözgütleriň esasynda ýola goýlan işjeň we deňhukukly dialog, gürrüňsiz suratda, uly üstünlikdir.

Şeýlelikde, 16-njy noýabrda sebitiň Liderleri hyzmatdaşlygyň bu meýdançasynyň çäginde indi ýedinji gezek duşuşdylar. Ýokary derejeli duşuşyklarda Merkezi Aziýa sebitini özara hormat goýmak, deňhukuklylyk, birek-biregiň bähbitlerini hasaba almak esasynda, gepleşiklerdir geňeşmeler arkaly ösdürmegiň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar, ugurlaryň giň toplumy boýunça öňde durýan anyk wezipeler kesgitlenilýär. Daşkent sammitiniň gün tertibi hem sebitleýin hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de berkitmek, ileri tutulýan ugurlarda bilelikdäki taslamalarydyr başlangyçlary durmuşa geçirmek bilen bagly soraglary öz içine aldy.

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026

**Maksat AMANMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň talyby.**

Все права защищены